# Kyrkynjy ýyllaryñ türkmen prozasy: taryhy epopeýa bilen ýüzbe-ýüz -4/dowamy

Category: Edebiýaty öwreniş,Ertekiler,Kitapcy,Powestler,Psihologiýa,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025

Kyrkynjy ýyllaryñ türkmen prozasy: taryhy epopeýa bilen ýüzbe-ýüz -4/dowamy Bu ýerde Artygyň birsözlüligi, batyrlygy, garadan gaýtmazlygy onuň sözi arkaly bilip bolýar. Ikinjiden bolsa, Halnazaryň tilkiligi, «hanym, hanym» bolup Artyga ýalum-ýulum edişi, şeýdibem ýüreginiň töründe bu ýigide bolan ýigrenji gizlejek bolşy aýdyň duýulýar.

Artyk bilen Eziz hanyň çaknyşygynda bolsa Artygyň ynsan hökmünde-de, goşup serkerdesi hökmünde-de, gerçek hökmünde-de kämilleşendigini görmek bolýar.

«Artyk Ezize Sakarçägede çolarak ýerde duşdy. Onuň ýanynda Gyzylhan, Kelhan, Kadyr işan bardy. Emma Artygyň hemme nökeri öz ýanyndady. Öz gazabyny içine sygdyryp bilmeýän Artyk Ezize sowal berşine, sesi sandyrap çykdy.

– Eziz han, edýän işiňi hiý, göz öňüne getirip görýämiň?

Eziz Artygyň ýüzüne gaňrylyp seredende, onuň päliniň bozuklygyny bildi. Emma onuň näme isleýänini aňlaman, aňlamak hem islemän, derrew onuň sussuny basmak isledi, kesgin jogap gaýtardy.

– Artyk, han, meniň maslahata mätäçligim ýok!

– Belki seniň özüňden hasap soran tapylar?

– Menden hasap?!

– Men seniň, umuman zulmuňa çydamok. Ylaýta-da Ata dälini öldürişiň – meni aldym-berdime salýar.

– Sen kim?

– Meniň kimdigimi häziriň özünde tanarsyň!

– Ata däli seniň doganyňmy? Ýa seniňem pagtaňda bolşewik nemi barmy?

– Ony hem ýakynda bilersiň!

– Şeýlemi?! – Artygyň ýüzüne aýylganç çiňerilip, ol-da içiniň syryny daşyna çykardy. – Çary Çamany kim öldürdi?
– Arman, beýleki nejis meniň golumdan sypdy. Ýogsam onuň kellesini men saňa peşgeş getirjekdim!
Artygyň aýylganjyrak syrlaryň, ylaýta-da Tejen hanynyň elhenç syrlaryny açjagyny aňlan Eziz biraz gowşady, uludan demini aldy, gabagyny galdyrdy, düşük sesi bilen sözledi.
– Aýyby näme?.. Eşegi semretseň – eýesini depýändir.
Artyk gazap bilen gygyrdy.
– Eşek eşekden diňe tezek iýmesini öwrenýändir.
Eziz ýene hum ýaly gyzardy.
– Sem bol!
– Meniň sesim ogurlyk däl.
Eziz laňňa galdy. Töweregindäkiler hem ördüler. Beýnisi çaýkanan han aýak üstünde durup bilmän sandyrady.
– Şundan soň sen komandir däl, meniň nökerim hem däl. Ýaragy bäri al!
– Men seni öňräk terk etdim. Biziň halkymyzy iňlis penjesine bereniňe çenli aňladym… Kimiň milti bolsa, ine, muňa ýarag diýýäler!72.
Tutuş romanyň çeperçilik derejesini hasap etmäniňde-de şujagaz epizodda-da ummasyz dil kämilligi haýran galdyryjy nusgalygy bilen okyjynyň ýadynda galýar. Çünki öň obanyň baýyndan awuny düzüwli alyp bilmän ýören ýaş ýigit Tejen etraplarynyň belli kellekeseri, belli hany Eziziň ýüzüni otly kesindi bilen daraýar. Onuň aýbyny, namartlygyny ýüzüne basýar. Bu zalymyň gazabynyň öňünde durmak bilen, özüniň aňynda, durmuşynda, häsiýetinde bolup geçýän rewolýusion öwrülişigi jar edýär.
Ýazyjy bu epizodda diňe bir çeper diliň, ýagny türkmen diliniň hökmürowan güýjüni professional prozanyň süňňüne siňdirmekde ussatdygyny görkezmän, ol bu çeperçilik serişdesini gahrymanlaryň häsiýetiniň üsti bilen türkmen psihologiýasyny görkezmekde, Artygyň batyrgaýlygyny, onuň rewolýusiýanyň tarapyna düýpli geçendigini hem Eziz hanyň gopbamlygyny, onuň girrikligini, ganhor, zabun etmişlerini ýüzüne basanyňda awuny elden gideren ýaraly möjek ýaly çyrpynşyny hem görkezýär.
Berdi Kerbabaýew diliň çeperçilik gözelligini diňe bir

položitel gahrymanlaryň obrazyny aýdyňlaşdyrmakda ulanmak bilen oňanok. Oterisatel işleriň obrazyny aýdyňlaşdyrmakda-da bu möhüm senedi örän ussatlyk bilen ulanmagy başarýar.
Biz ýokarda Halnazar baýyň Artyk üçin bije çekenden soňky halyny synlap görüpdik. Ol Artyk jogap soranda oňa «hanym, hanym» diýen bolup ýöwselläp gepleýän bolsa, özünde sähel ejizleri gapysynda ýatan itiçe-de görmeýär.
Muny romanyň dokuzynjy babynda, atyň içmedik süýdüne ymsynyp gelen gyzjagazy görendäki ýagdaýda-da synlamak bolýar. Ol şonda: «…Arkasy gylly barmaklary bilen onuň (gyzjagazyň – Ö.N.) çigininden tutup, südürläp goýberdi.
– Ýok bol, ýer çeken!»
Halnazaryň öz bähbidini sypdyrmajak bolup ýalum-ýulum edýän sahypalary bolaýmasa, ýa-da gorkmasa adam sylamaýandygy juda jaýdar görkezilýär.
Halnazaryň ynsapsyzlygy, ýowuzlygy, ejize ganymlygy Umsagülli epizodda-da diýseň ýerlikli görkezilipdir.
«Gyssanmaç baran Umsagül patyşanyň ýykylan habaryny mälim edende, Halnazaryň owurtlan çaýy bogazyndan geçmedi. Ol, gara basan ýaly, gabagyny galdyryp bilmän, sogduryp oturdy. Ondan soň, agyr ýük astyndan sypan ýaly haşlap, Umsagüle çiňňerildi, gazap bilen dalady.
– Sen gyrnak, näme samahullaýasyň? Diliň aýdanyny, seniň gulagyň eşidýämi? Akmak heleý, şol ýürek bulaýjy sözüň üçin seni dardan asarlar!
Halnazaryň abyr-zabyry Umsagülüň sussuny basdy. Ol aljyrady, hiç wagtda şatlygyny, gaýgysyny saýgartmaýan gara ýüzüne ölüm howpy ýaýyldy, dili tutuldy, sakanaklady.
– B-baý aga, men… Men gynanjymy saňa bildirmek isledim.
– Sen murdar gyrnak, it aýagyny iýen ýaly ygýarsyň! Sen nirede şum habar bolsa, şony tapýarsyň!.. «Artyk Halnazaryň agzyna goýupdyr» diýip samahullan sen dälmi? Sen, ýaly menden iýip, üýrende başganyň haýryna üýürýärsiň! Nädersiň, şu duran ýeriňde ýere sokaýsam!
Umsagülüň gany gaçan gara dodaklary müňküldejek bolanda Halnazar onuň öňüni gabzady.
– Sem bol, gyrnak»73.

Ine, şu ýerde awtor çeper sözüň üsti bilen türkmen halkyna zulum, sütem edip ýören, şeýle hem özüniň haýynlygyny, sütemkärligini halkdan gizläp ýören uly baýyň tutuş ruhy dünýäsini, gylyk-häsiýetini açyp görkezýär.

Biz romanyň dowamynda poetikanyň möhüm elementleri bolan obrazlaryň kämilleşişini-de, häsiýetleriň ösüşini-de, obrazlaryň tebigat, ynsan bilen aragatnaşygynyň açylyşyny-da janly, anyk duýarlykly ýagdaýda synlap bilýäris. Emma bu ýagdaýy görlüp geçilen ertekilerde-de, dessanlarda-da, eposlarda-da, professional prozanyň ilkinji gadamlarynyň batlanyp ugran ýigriminji, otuzynjy ýyllaryň prozasynda-da, şol döwürleriň ilkinji iri eserleri bolan powestlerde-de görüp bilmeýäris. Asyl, urşuň öňüsyrasyndaky türkmen sowet edebiýatynyň klassyky, nusgalyk eseri bolan «Şükür bagşy-da» bu ýagdaý «Aýgytly ädimiň» derejesine ýetip bilmeýär.

Şeýle bolansoň, Beýik Watançylyk urşunyň öňüsyrasynda edebi dolanyşyga giren, özüniň ýazylyş etapyny baryp ýigriminji ýyllaryň ahyrlaryndan alyp gaýdýan «Aýgytly ädim» romany, häsiýeti köptaraply açmakda, sýužeti-kompozisiýany köpugurly, töwerekleýin gurmakda, gahrymanlaryň obrazyny monumental durmuş hakykatyna gatnaşykda çuňňur beýan etmekde, çeper diliň ähli gözellikleri, güýji arkaly çeper eseri durmuş hakykatyna golaýlaşdyrmakda ajaýyp nusga bolup türkmen edebiýatynyň taryhyna girdi diýip aýdyp bolar.

* * *

Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy bilen tutuş sowet halkynyň başyna uly apat indi. Türkmen halky-da bu habary uly hasrat bilen kabul etdi. Bu halk geçmişiň agyr hasratlaryny, jebri-jepalaryny, adalatsyzlygy, agzalaçylygy, döwletsizligi göre-göre, ýaňy bir agzy aşa, eli işe ýeteni üçin Gitler Germaniýasynyň ähtiýalanlygyny uly ar hökmünde duýdy. Özüni hakyky türkmen, arly-namysly goç ýigit saýýan ýigitler bu habary eşiden badyna fronta meýletinlik bilen gitmäge arza berdiler.

Türkmen aýal-gyzlary bolsa SSSR-iň azatlygy üçin şirin

janlaryny gaýgyrmajakdyklaryny kasam etmek bilen, fronta ellerinden gelen kömegi berip başladylar.
«Ýurdumyzyň goranmak fonduna diňe bir Mary oblasty boýunça 1941-nji ýylyň 20-nji noýabryna çenli 2412 kilogram kümüş berildi. Jemi respublika boýunça goranmak fonduna şol güne çenli 8963 müň manat pul, 41916 müň manatlyk döwlet zaýomynyň obligasiýasy, 969 gram altyn we 2929 kilogram kümüş tabşyryldy»74.
Halk, özüniň elindäki barja zadyny fronta, azatlygyň, parahatçylygyň, Ýeňşiň hatyrasyna bermek bilen çäklenmän, zarpçy zähmete aýaga galdy.
Bu ýagdaý türkmen edebiýatynda-da özüniň uly şöhlelenmesini tapdy. Şahyrlaryň köpüsi meýletinlik bilen fronta ýazyldylar. Emma tylda galanlary-da gollaryny gowşuryp oturmadylar. Ata Salyh, Durdy Gylyç, Berdi Kerbabaýew, Garaja Burunow ýaly şahyrlar «Basym biziň köçämizde toýuň boljagyny» turuwbaşdan halkyň aňyna guýup başladylar. Halk özüniň şahyrlarynyň ýürek sözüne ynanmak bilen, onuň yzyna düşýärdi. Oňa uýýardy. Şonuň üçin türkmen şahyrlary-da şol ynamy köýdürmejek bolup yhlas edýärdiler.
Umuman Watançylyk urşy döwründe döredilen eserleri temasy we ideýasy boýunça şeýleräk bölmek dogry bolardy.
1. Fronta mobilizleýji, çagyryş äheňli eserler;
2. Watanyň azat ediljegine, Ýeňşe bolan ynam;
3. Frontdaky ýagdaýy, esgerlerimiziň beýik edermenligini ruhubelentlik halda beýan etmek;
4. Tyl bilen fronty birleşdirip, «Ähli zat Ýeňiş üçin!» diýen belent şygary dabaralandyryp ýazylan eserler…
5. Geçmişiň gahrymançylygyny, geçmişdäki halk gahrymanlaryny ideallaşdyrmak bilen «Biziň ata-babalarymyz geçmişde duşmana garşy şeýle göreşipdir. Şolardan görelde alyp duşmany kül-peýekun ediň!» diýen äheňdäki eserler…
Beýik Watançylyk urşunyň başlanan etaplarynda, esasan Fronta çagyryş, Ýeňşe mobilizleýji şygyrlar has köp ýazylýardy. Şol şygar bolsa esasan indi Ýeňşiň daşda däldigi, hak işiň ýeňjekdigi Sowet halklarynyň güýjüniň öňünde hiç bir duşmanyň, hiç bir güýjüň durup bilmejekdigi bilen berk

baglanyşdyrylýardy.
Fronta giden şahyrlar bolsa «Siz arkaýyn boluň, biz bu ýerde faşistleri derbi-dagyn edýäris, nesip bolsa ýeňiş bilen bararys!» diýen äheňde şygyrlar ýazýardylar.
Bu ýagdaýlaryň ählisi, esasan poeziýanyň demi bilen döredilýärdi. Professional proza henize çenli kän bir özüni orta atyp bilenokdy.
Ine, şeýle ýagdaýda kiçi seržant Gurban Durdynyň Orta Aziýadan fronta giden esgerleriň içinde, tutuş Watançylyk urşunyň taryhynda bolsa kiçi komandirleriň arasynda Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen belent ada mynasyp bolmagy professional prozanyň bilini guşap orta çykmagyna şert döretdi. Şondan soň ýazyjy Berdi Kerbabaýew özüniň «Gurban Durdy» powestini ýazmaga girişdi. Ata Gowşudow bolsa özüniň meşhur «Gandym awçynyň maşgalasy» hekaýasyny ýazdy.
Elbetde, bu eserleriň ikisi-de taryhy ýa-da taryhy-rewolýusion eserler däldi. Dogrusy, şol döwürde taryhy temadan eser döretmäge türkmen ýazyjylarynyň elem degenokdy, wagtam ýokdy. Çünki olaryň köpüsi fronta giden bolsa, tylda galanlary front brigadalaryna goşulyp, sowet esgerleriniň söweşýän ýerlerine gidipdiler. Galanlary hem özleriniň öňden döredip oturan eserleriňi goýup, front barada eser döretmäge girişipdiler. Mysal üçin, B.Kerbabaýew özüniň ähli işini bir ýana goýup Sowet Soýuzynyň Gahrymany Gurban Durdy barada eser ýazyp başlapdy. Onuň yz ýany bolsa ýörite brigada goşulyp söweşýän esgerleriň arasyna gidip gelipdi.
Mysal üçin, ýazyjy Ata Gowşudow 1940-njy ýylda nämäniň üstünde işlejekdigi barada şeýle diýýär: «Men şu ýyl (1939-njy ýyl – Ö.N.) geljek ýyldaky döretjek eserlerimiň temasyny belläp, hatda birnäçesiniň sýužetiniň üstünde hem işledim. Meselem, «Mähri-Wepa» diýen bir romanyň hem materiallary jemlenip, sýužeti işlendi. Bu roman biziň häzirki durmuşymyzdan alnan temadyr…» Ýazyjynyň sözünden çen tutanyňda, eýýäm belli derejede taýýar bolan bu eser soň, Beýik Watançylyk urşunyň turmagy bilen, hut front we tyl temasyny öz içine alýan «Mähri-Wepa» romanyňa öwrülipdir»75.
Ýöne näme diýseňem, türkmen ýazyjylary prozada taryhy temany

işlemeseler hem dramaturgiýada bu möhüm tema gaýtadan-gaýta ýüzlendiler. Musa Hoja Şükürowyň «Horezm», Bazar Amanowyň «Soltan Sanjar», Berdi Kerbabaýewiň «Magtymguly», Garaja Burunowyň «Seýdi» pesalaryny mysal edip görkezmek bolar. Ýöne, bu žanrda eser ýazan ýazyjylar türkmenleriň ata-babalarynyň watan, ar-namys ugrunda jandan geçmäge taýýar bolandyklaryny görkezmegi matlap eden bolsalar-da, olaryň sahna eserleriňde geçmişi juda ideallaşdyryp görkezmäge köp ýykgyn edýärdiler. Köp halatda tomaşaçy bu sahna eserine garap, ertirki ýeňşe hyjuwlanyp däl-de, şa köşkleriniň sapaly durmuşyndan gultunyp gaýdýardy. Şonuň üçin bu sahna eserleriňiň ömri, türkmen sahnasyndaky ykbaly beýle bir uzak bolup çykmandy.
Munuň tersine, B.Kerbabaýeniň «Gurban Durdy» powesti bilen Ata Gowşudowyň «Gandym awçynyň maşgalasy» hekaýasynyň ideýa hem-de çeperçilik jomartlygy taryhy we taryhy-rewolýusion temada ýazylan eserleriňkiden az bolmandy.
«Gurban Durdy» powestiniň pafosy Watanyň ar-namysy üçin şirin janyňy bagyş etmekdi. Gurban gözüni açyp arassa zähmetden özge zady görmedik ýigit. Ol durmuşyň şirinligi, ynsan bagty, ýaşaýşyň ähli höziri arassa zähmetde diýip düşünýär. Onuň üçin zähmete, topraga ikilik etme diýen düşünje ýat. Haçan-da Watanyň üstüne nemes faşistik sülsatlary ähtiýalanlyk bilen çozanlarynda Gurban arkaýyn oturyp bilmeýär. Ol hem fronta gidýär. Baran ýerinde-de onuň küýi-köçesi Watanyň azatlygy. Onuň ýekeje pikiri, ýekeje umydy bar, olam öýe ýeňiş bilen sag-aman dolanmak.
Gurban frontda diňe özüni bilenok. Rus ýigidi Boçarow bilen, azerbaýjan ýigidi Weliýew bilen, beýleki esgerler bilen bir jan, bir ten bolup ýaşaýar. Ol özüne harby buýruk berlende-de ony jany-teni bilen berjaý etmäge çalyşýar. Onuň şol yhlasy hem ýerine düşýär. Onuň bölümi duşmanyň goşun bölüminiň bir toparjygyny derbi-dagyn edýär. Nemes goşunlarynyň ençeme soldaty ýesir alynýar.
Ýa-da ýazyjy Ata Gowşudowyň «Gandym awçynyň maşgalasy» hekaýasyny alyp göreliň. Bu hekaýada Gandym awçy fronta giden oglanlarynyň, agtyklarynyň yzynda maşgala agzybirligini saklap ýör. Urşuň ýeňiş bilen tamamlanjagyna ol berk ynanýar. Şonuň

üçin-de maşgalanyň ähli çlenlerini şol ruh bilen saklamaga çalyşýar. Haçan-da agtygynyň frontda mertlerçe wepat bolapdygy baradaky habar gelende, ýaşuly howsala düşüp oturmaýar. Ol watan ugrundaky aldym-berdimli söweşleriň ölümsiz-pidasyz bolmaýanyny, iliň-günüň toýa gitmänini, frontuň bolsa ar-namysyň üstünde turýandygyny, Watan namysy üçin turýandygyny, agtygy şol söweşde başyny goýan bolsa, onuň Watan üçin, il-günüň ar-namysy üçin mukaddes söweşde başyny goýandygyny, onuň üçin ýas tutman, matama batman gaýta şeýle mert ýigitleriň bardygyna guwanmalydygyny aýdýar. Ýaşulynyň bu sözi onuň maşgalasy, tutuş oba üçin ilki bir geň bolup eşidilse-de, soň onuň öldi diýilýän agtygy sag-aman dolanyp oba gelenden soň, ýaşulynyň sözüniň dogrudygyna hemmeler akyl ýetirýärler.
Dogry bu garalyp geçilen iki eser taryhy we taryhy-rewolýusion eser däl. Şeýle-de bolsa, biziň bu iki eser barada aýratyn döwnemegimiziň sebäbi bar. Watan, ar-namys ugrundaky söweş könelmejek ideýa. Biz bu ideýany, şeýle temany «Gorkut ata» eposynda-da, «Görogly» eposynda-da, «Şükür bagşy» powestinde-de, «Aýgytly ädim» romanynda-da synlap bilýäris. Dünýäniň uly söweşleri, taryhyň uly gowgalary, esasan watan, ar-namys ugrundaky çaknyşyklardan başlanypdy.
«Şükür bagşy» powestindäki Şükür hem halkynyň öňünde ar-namysa galmajak bolup, halkynyň, il-gününiň aryny-namysyny ýere çalmajak bolup, ýat illerde, men diýen bagşynyň, sazandanyň garşysyna ýekme-ýek çykypdy. Şükür bilen Gurbanyň arasynda hem üýtgeşik tapawut ýok. Diňe Gurban Beýik Watançylyk urşy döwründe il-günüň, Watanyň namysy ugrunda ganym duşman bilen söweşe girýän bolsa, Şükür geçen asyrlarda, türkmen halkynyň aryny gorap «söweşe» giripdir. Şol söweşlerde Şükürem, Gurban hem diňe ýeňşi göz öňüne getirýär. Olar ýeňiläýse nämäniň boljagyny gaty gowy bilýärler. Eger Şükür ýeňilse, onda ol ilki agasyny ýitirjek, soň ilininiň, tutuş türkmen halkynyň ar-namysyna şikes ýetirjek, onuň üstesine-de özüne mukaddes senedine şek ýetirjek. Şonuň üçin, ýeňilenden onuň özüniň öleni müň paý ýagşyrak.
Gurban üçin hem şeýle. Gurban ýeňiş hakynda asla-da oýlanyp biljegem däl. Çünki Watan, türkmen halky, ar-namys ony bu

duýga, beýle oýa gelmäge maý hem bermeýär.
Şüküriň hem, Gurbanyň hem özi söweşde bolsa-da, pikir-hyýaly azat, erkin ýaşaýan ilinde, maşgalasynyň ýanynda. Gurban eli degdigi yzynda galan ilini, güneşli Türkmenistany, maşgalasyny, perzendini, Tejeniň baly goýalan gawunyny ýatlaýar. Şükür hem şeýle. Ol özüniň her bir ädimini, her bir hereketini yzynda galan iliniň gözi, türkmen halkynyň ölçeg agajy bolan namys-ar bilen saldarlap görýär.
Ata Gowşudowyň hekaýasyndaky Gandym awçy bolsa türkmen sowet edebiýatynda täze gahryman. Ol «Görogly» eposyndaky Jygalybege çalym etse, ýene bir ýerde Gorkut ata çalym edýär. Ol asylly, akylly, pähimli. Şonuň üçin-de öz kowumlaryny özüniň göreldesi bilen edebe çagyrýar. Olara geçmişiň paýhaslylygy bilen tälim berýär.
Hut şonuň ýaly ýagdaýlary üçin-de B.Kerbabaýewiň «Gurban Durdy», A.Gowşudowyň «Gandym awçynyň. maşgalasy» taryhy we taryhy-rewolýusion eserlere gaty çalymdaş. Bu eserlerde rewolýusion göreş, taryhyň sosial ruhuny üýtgetmek baradaky joşgunly hereketler bolmasa-da, ynsan ahlagynyň, arynyň-namysynyň mukaddesligini aýap saklamak ugrundaky psihologik, adamkärçilik göreşi ýiti duýulýardy.
Umuman alnanda, Watançylyk urşy ýyllaryňda türkmen prozasynda taryhy we taryhy-rewolýusion temadaky proza eseri döredilmedi. Munuň özi, başda belleýşimiz ýaly, türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň nemeň faşistik basybalyjylaryna garşy şu günüň öz temasy bilen, pafosy bilen söweşmegi, şu günüň ruhy bilen ýaşamagy özleriniň öňünde belent wezipe edip goýandyklarynyň alamatydyr.
Türkmen ýazyjy-şahyrlary özleriniň ömrüni söweş meýdanynda goýmak bilen, tylda galanlary tyl bilen frontuň bitewiligine saldamly goşant goşmak bilen, frontçy şahyrlar bolsa bir ellerinde ýarag, bir ellerinde galam tutup, uly gaýrat görkezmek bilen bahasyna ýetip bolmajak üstünlik gazandylar.
Edebiýatdaky, sungatdaky şu ýagdaý göze has ýiti ilip ugrapdy. Sungatyň hem-de edebiýatyň owsaryny elinde saklap, otuzynjy ýyllarda ony öz ideýasyna tabyn etmäge, Watançylyk urşy ýyllaryňda bolsa ýazyjy-şahyrlaryň zehinini, ezberligini

Ýeňşiň hatyrasy üçin işletmegi başaran partiýa maşyny bu ýagdaýy has hem aýdyň duýup başlapdy. Ine, şonuň üçin-de urşuň yzysüre edebiýatyň hem-de sungatyň meselelerini öz içine alýan, ony ýene-de gysymynda saklamak üçin täze, möhüm kararlary kabul edip başlady.

Şol kararlar, esasan sungatyň wezipelerine bagyşlanylypdy. Edebiýat barada bolsa 1946-njy ýylyň 14-nji awgustynda belli: «Звезда» we «Ленинград» žurnallary hakynda Karar kabul edilipdi. BK (b) P MK-nyň bu Kararyndan göni bir aý geçenden soň bolsa, ýagny 1946-njy ýylyň 26-njy awgustynda «Drama teatrlarynyň repertuary we ony gowulandyrmagyň ugurlary hakyndaky» karar kabul edipdi.

Bu we beýleki Kararlarda ýazyjylara, şahyrlara nähili ýazmalydygy, näme hakynda ýazmalydygy, haýsy tema köp üns bermelidigi gös-göni aýdylýardy.

«Задача советской литературы состоит в том, чтобы помочь государству правильно воспитат молодежь, ответить на ее запросы, воспитать новое поколение бодрым, верящим в свое дело, не боящимся препятствий, готовым преодолеть всякие препятствия.

Поэтому всякая проповед безидейности, ополитичности «искусства для искусства», – чужда советской литературе, вредна для итересов советского народа и государства и не должна иметь место в наших журналах»76.

Ine, şu ýörelge diňe bir «Звезда» we «Ленинград» žurnallaryna degişli edilmän, tutuş sowet edebiýatyna we sungatyna degişli bolupdy. Ýazyjylar üçin diňe şu ýol döredijilik ykbal bolup galypdy.

Ine, şeýle ugur ýazyjylary nähilem bolsa bir galyplylyga alyp gelýärdi. Şol döwürlerde partiýanyň öňde goýan wezipelerine üstünlikli goşant goşan ýazyjy-şahyrlar az bolmandy. Şol eserleriň köpüsi esasan ýaşlar temasyndandy. Onda ýaşlaryň edermenligi, olaryň partiýanyň çagyryşyna ogullyk jogaby barada çeper obrazlaryň üsti bilen gürrüň berilýärdi. Bu ýagdaý tutuş sowet edebiýatyny gurşap aldy. Şol sanda türkmen ýazyjylary hem partiýanyň bu möhüm kararyny goldanyp ençeme proza eserleriňi döretdiler. Oňa mysal edip B.Kerbabaýewiň

«Aýsoltan», B.Seýtokowyň «Komsomol», «Ynjalyksyz adamlar», «Moskwanyň ýalkymy», «Döwürdeşler» powestlerini, Ata Gowşudowyň «Köpegdagyň eteginde» romanyňy we beýleki eserleri görkezmek bolardy. Bu eserlerde ýazyjylaryň durmuşa optimistik garaýşyny görmek bolýardy. Mysal üçin, «Aýsoltan» powestiniň gahrymany Aýsoltan pagtanyň bir gektaryndan segsen, hat-da ýüz sentner hasyl almak ugrunda göreşýär. B.Seýtäkowyň powestlerinde bolsa gahrymanlar durmuş üçin zerur bolsa-bolmasa-da käbir meseleleriň başyny agyrdýarlar. Aslynda bu powestlerde durmuşy owadanlap görkezmek, gahrymanlary, ylaýta-da ýaşlary şirin söz bilen arşa çykarmak ýoň bolupdy.
Bu ýyllarda taryhy we taryhy-rewolýusion tema beýle bir örç alyp bilenokdy. Diňe B.Kerbabaýew özüniň «Aýgytly ädim» epopeýasyny doly çap bolup çykmagyny gazanypdy. Bu roman rus dilinde hem terjime edilip, çapdan çykypdy.
Dogry, şol ýyllar taryhy we taryhy-rewolýusion tema ýüzlenmäge taýýar ýazyjylar ýok däldi. Il arasynda Ata Gowşudowyň «Perman» romanyňy ýazyp gutarandygy baradaky gürrüň ýaýrapdy. Emma näbelli sebäbe görä, ol roman henize-bu güne çenli neşirýata tabşyrylanokdy.
Şol ýyllarda ýazyjylary bu möhüm temadan daşlaşdyran başga bir ýagdaý hem emele gelipdi. Edebiýatçy alymlar, şahyrlar türkmen halkynyň taryhy bilen baglanyşykly döredilen eserleri toplamak, olary halka düşnükli bolan dilde çap etmek barada birtopar işleri alyp barypdylar. «Gorkut ata» eposy hem şolaryň biridi. Edebiýatçy Mäti Kösäýew bu eposy ilki Sowet edebiýaty žurnalynda çap etdirdi. Soňra ony «Kitaby dädem Gorkut» ady bilen neşir etmäge taýýarlady. Oňa saldamly sözbaşy ýazdy. Emma bu epos halka gowuşmady.
BK (b) P MK-nyň «Звезда» we «Ленинград» žurnallary hakyndaky belli karary çykandan soň, Türkmenistanda hem bu kararda bellenilen tankydy ugurlardan netije çykarylyp başlanyldy. Ine, şonda «Gorkut ata» eposynyň çapa taýýarlanmagy şübhe astyna alyndy. TK (b) P MK-nyň şol wagtky ideologiýa boýunça sekretary O.Şyhmyradow birbada «Prawda» gazetiniň, «Туркменская искра» gazetinde hem-de «Sowet edebiýaty» žurnalynda bu eposyň milletçilikli eserdigi»77, onuň geçmişi

ideallaşdyryp, tire-taýpa dawasyny öjükdirýändigi barada uly gürrüň edipdi78.
Bu ýagdaýyň soňy diňe bir makala ýazmak, eposa töhmet atmak bilen tamam bolmady. Tiz wagtdan Türkmenistan K (b) P MK-nyň «Gorkut ata» kitaby hakynda karary çykaryldy. Bu eposy çapa taýýarlan Mäti Kösäýew, ony redaktirlän professor Baýmuhammet Garryýew pantürkizmi we buržuaz milletçiligini tutaşdyryjylar hökmünde uzak ýyllaryň türkmen tussaglygyna höküm edildi.
Diňe bir bu eserler däl, türkmen halkynyň «Gül-Bilbil», «Ýusup-Ahmet» ýaly dessanlary, Şabendäniň, Magrupynyň, Zynharynyň, Kätibiniň klassyky eserleri, G.Gurbansähedowyň, J.Ilmyradow ýaly türkmen şahyrlarynyň ençeme goşgusy göz tussaglygyna alyndy. Bu eserleri çapa taýýarlan, redaktirlän alymlara hem zabun daraşyldy.
Ine, şu ýagdaýlar hem türkmen sowet ýazyjylarynda taryhy we taryhy-rewolýusion tema batyrgaý çemeleşmäge uly päsgelçilik döretdi.
Otuz ýedinji ýyllaryň stalinçilik jezalandyrylmalaryndan, ellinji ýyllaryň ýanamalaryndan gözi gorkan ýazyjylar BK (b) P MK-nyň «Звезда» we «Ленинград» žurnallary hakyndaky Kararynyň çygrynda eser döredenlerini ýagşy görýärdiler. Şol gorky, gahrymana üýtgeşigräk häsiýet bermekden, üýtgeşigräk ideýany batyrgaý orta atmakdan çekinip, durmuşy ýülmäp, owadanlap görkezmek netijesinde emele gelen eserler bolsa halkyň ruhy islegini kanagatlandyryp bilmeýärdi. Şeýle-de bolsa, bu ýagdaý W.I.Stalin aradan çykýança dowam etdi.
Durmuş, edebi proses näçe isleýänäm bolsa, edebiýatymyz üçin näçe zeruram bolsa, ine şu obektiw hem-de subektiw ýagdaýlar sebäpli türkmen sowet edebiýatynda uruşdan soňky on bäş ýylyň içinde taryhy we tarhy-rewolýusion eserler döremedi. Edebiýaty öwreniş